**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**– Ýokary sportda Türkmenistany dünýä tanatmak meniň esasy maksatlarymyň biridir.**

# TALYP SPORTY

Ýanwar, 2025 ý. № 01 (17)

Talyp ýaşlaryň jemgyýetçilik-syýasy we ylmy-publisistiki neşiri

Esaslandyryjysy – Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly»



# TÄZE ÜSTÜNLIKLERIŇ ÝYLY

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde 2025-nji ýyl — «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýen şanly ady bilen geldi. Bu ýylda geçen ýylymyzda gazanylan üstünliklerden ruhlanyp, ýurdumyzyň ähli pudaklarynda, şol sanda bilim, saglygy goraýyş we sport ulgamlarynda ilkinji pursatlardan başlap ýokary zähmet netijeleri, sport görkezijileri gazanylyp başlandy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz 2025-nji ýylyň başlamagy mynasybetli Türkmen halkyna Täze ýyl Gutlagynda: «Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli, geljek ýylda ýurdumyzda hem-de dünýä döwletlerinde halkara çäreler giň gerim bilen geçiriler» diýip belläp geçdi. Şu pähimli jümlelerden ugur alyp, ýurdumyzyň bedenterbiýe we sport ulgamynyň hünärmenleri, şol sanda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň agzybir professor-mugallymlary, talyp türgenleri we talyp ýaşlary tarapyndan durmuşa geçirilmeli çäreler toplumy meýilleşdirilendir

Mälim bolşy ýaly, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň türgenleşik zallaryndan we okuw otaglaryndan ýetişen talyp türgen oglan-gyzlarymyz şu günki gün Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň sport abraýyny dünýä ýüzünde belentden parladýan milli sport türgenlerimiz hökmünde ýokary abraýa eýe bolýarlar. Bu ugurda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, hormatly Prezidentimiziň tagallalary esasynda, talyp türgenlerimiz we tälimçilerimiz, professor-mugallymlarymyz üçin döredilýän şertler hem dünýä nusgalykdyr.

Biz bu döredilýän şertlerden ruhlanyp, «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylymyzda hem Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň çuňňur pähim-paýhasa ýugrulan kitaplaryny özümize her bir ädimde nusgalyk gollanma edinip, üstünlikleriň täze menzillerine gadam urarys. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, döwletli başlangyçlary hemişe rowaç bolsun!

*«Talyp sporty».*

## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOWYŇ türkmen halkyna Täze ýyl gutlagyndan:

*— Tamamlanyp barýan ýyl Garaşsyz Watanymyzyň täze taryhynda halkymyzyň durmuşyny üstünliklere beslän ýyllaryň biri boldy. Bu ýyl türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň döwletli tutumlary, taryhy başlangyçlary has-da rowaçlandy.*

*Diýarymyzyň ähli ýerlerinde döwrebap mekdepler, çagalar baglary, saglygy goraýyş, sport desgalary, medeniýet edaralary, önümçilik binalary, başga-da köp sanly desgalar ulanmaga berildi.*

* * *

*— Ýaş nesillerimizi sport bilen meşgullanmaga giňden çekmek, ýurdumyzyň halkara sport abraýyny has-da belende götermek ugrunda uly işleri alyp barýarys. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnama kabul edildi. Aşgabat şäheri «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edildi. Bularyň ählisi ýurdumyzyň sporty, sport diplomatiýasyny ösdürmäge goşýan saldamly goşandynyň ýene-de bir ykrarnamasy boldy.*

# 2025-nji ÝYL — HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK ÝYLY



## «МЕЖДУНАРОДНЫЙ ГОД МИРА И ДОВЕРИЯ» — так был обьявлен 2025 год в Туркменистане

Принятие впервые в истории Генеральной Ассамблеей Организации Обьединенных Наций специальной Резолюции от 12 декабря 1995 года «О постоянном нейтралитете Туркменистана» стало признанием миролюбивой внешней политики нашей страны, утверждением авторитетной роли Туркменистана как государства, способного внести достойной вклад в мирный путь развития международных отношений, обеспечение всеобщей безопасности и стабильного прогресса. Здесь также отмечается, что в целях торжественного и широкого празднования в 2025 году славной 30-й годовшины постоянного нейтралитета Туркменистана, широкой пропоганды важности выдвигаемых нашим государством исторических инициатив, основных на правовом статусе нейтралитета, а также учитывая пожелания граждан страны и членов Халк Маслахаты Туркменистана Меджлис Туркменистана принял решение об обьявлении «Международного года мира и доверия».

Этот год послужит основной для торжества широких возможностей политики нейтралитета Туркменистана, дальнейшего укрепления роли нашего государства на мировой арене, упрочения всеобщего мира и безопасности, развития добрососедских, дружественных и партнёрских отношений, широкой пропоганды общечловеческой важности обеспечения стабильного прогресса, воспитания молодого поколения в духе безмерной гордости, почитания и любви к независимой нейтральной Отчизне.

*Сельби БЯШИМОВА,*
*Студентка 4-го курса Туркменского государственного института физической культуры и спорта по специальности спортивной журналистики.*

## Küşt boýunça bäsleşik



*15-nji ýanwarda paýtagtymyzdaky Ýöriteleşdirilen küşt we şaşka mekdebinde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň arasynda küşt boçunça ýaryş geçirildi. Oňa ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň 9-syndan erkek we zenan professor-mugallymlar gatnaşdy.*

*«Türkmenistan — sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy» atly uniwersiadanyň çäklerinde geçirilen bu ýaryşda erkekler toparlarynyň arasynda 1-nji orny Magtymguly adyndaky TDU-nyň topary, 2-nji orny Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň topary, 3-nji orny Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň topary eýeledi.*

*Zenanlar toparlarynyň arasynda 1-nji orna Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň topary, 2-nji orna Ý. Kakaýew adyndaky halkara nebit we gaz uniwersitetiniň topary, 3-nji orna Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň topary mynasyp boldy.*

*Durdygözel AMANOWA*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň köpçülikleýin görnüşleri kafedrasynyň öwreniji mugallymy.*



## TÜRGENLERIMIZIŇ ÜSTÜNLIGI

Basketbol boýunça Türkmenistanyň çempionatynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň «Talyp sporty» topary birinji orna düşüp, Türkmenistanyň çempiony boldy. Bu ýeňişde talyp oglanlarymyzyň öz halypalarynyň ýolbaşçylygynda yhlasly türgenleşikleriniň aýratyn paýy bar.

Çempionatda 2-nji orny Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň «Milli goşun» topary, 3-nji orny Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň «Gurluşykçy» topary eýeledi.

Bilşimiz ýaly, sport görnüşleri boýunça geçirilýän döwlet derejeli çempionatlar, Kuboklar, birinjilikler we beýleki ýaryşlar milli türgenlerimiziň halkara derejeli iri ýaryşlarda üstünlikli çykyş etmekleri üçin nöhüm tejribedir.

*Selbi BABANAZAROWA,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.*

## UNIWERSIADA DOWAM EDÝÄR

Şu günler institutymyzyň binýadynda guralýan «Türkmenistan — ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly uniwersiadanyň çäklerinde professor-mugallymlaryň arasynda dowam edýän ýaryşlar ýokary netijelere eýe bolýar.

Şunda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň professor-mugallymlaryndan düzülen toparlaryň üstünlikli çykyş edýändiklerini bellemek ýakymlydyr. Hususanda 3 — 4-nji ýanwar aralygynda stol tennisi, şeýle hem badminton boýunça geçirilen ýaryşlarda ýokary okuw mekdebimiziň professor-mugallymlaryndan düzülen erkekler we zenanlar toparlarymyz 3-nji orna eýe boldy. Şeýle hem 6 — 8-nji ýanwarda zenanlar toparymyz 1-nji orna, 9 — 10-njy ýanwar aralygynda tennis boýunça geçirilen ýaryşlarda zenanlar toparymyz 1-nji orna, erkekler toparymyz 3-nji orna eýe boldular.

15-nji ýanwarda geçirilen küşt boýunça bäsleşikler hem gyzykly ýagdaýda geçdi. Onda ýokary okuw mekdebimiziň professor-mugallymlaryndan düzülen erkekler toparymyz 2-nji orny, zenanlar toparymyz 1-nji orny eýelediler.

15 — 21-nji ýanwar aralaygynda basket-



bol boýunça geçirilen ýaryşlar hem köp tomaşaçyny özüne çekdi. Onda erkekler toparymyz 1-nji orna çykdy.

17-nji ýanwarda şaşka boýunça geçirilen ýaryşlarda zenanlar toparymyz 3-nji orny eýeledi.

«Türkmenistan — ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly uniwersiadanyň oýunlary dowam edýär. Biz institutymyzyň talyp türgenlerine we professor-mugallymlaryna bu bäsleşiklerde ýene-de üstünlik gazanmagy arzuw edýäris.

*Allaýar MERDANOW,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.*

## BASKETBOL ÝARYŞY

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň köpugurly sport toplumynda, ýurdumyzda her ýylda geçirilmegi däbe öwrülen «Türkmenistan — sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy» atly uniwersiadanyň çäklerinde, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň arasynda guralan basketbol boýunça ýaryşlar tamamlandy.

Ýaryşda 1-nji orny Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň topary, 2-nji orny Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň topary, 3-nji orny Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň harby institutynyň topary eýeledi.

*Hakberdi ORAZOW,*
*TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.*





# AÝDYM-SAZLY DABARA GEÇIRILDI

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda «Dost-doganlyk ornan türkmen kalbynda, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda» diýen at bilen aýdym-sazly, dabaraly çäre geçirildi.

Dabaranyň başynda institutyň mugallymy Bibi Gaýlyýewanyň ýolbaşçylygyndaky institutyň «Sagdyn nesiller» aýdym-saz we tans toparynyň artistleriniň ýerine ýetirmeginde: «Siziň bilen gülleýändir parahat ýurt, döwrümiz, Milli Lider Arkadagly Gahryman Serdarymyz» diýen at bilen edebi-sazly kompozisiýa görkezildi. Soňra toparyň aýdymçylarynyň, sazandalarynyň we tansçylarynyň ýerine ýetirmeklerinde doganlyk halklarynyň aýdymdyr tanslary, şol sanda belarus halk tansy «Kalinka», özbek halkynyň milli «Läzgi» tansy, ÝUNESKO-nyň Umumadamzat maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna giren türkmen milli Küştdepdi tansy tomaşaçylara hödürlendi. Şeýle-de toparyň aýdymçylary iňlis, rus, özbek, türk halklarynyň aýdymlaryny ussatlyk bilen ýerine ýetirdiler.

Aýdym-sazly dabarany «Agzybirlik, asudalyk türkmeniň her gününde, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda» diýen at bilen ýerine ýetirilen ajaýyp aýdym jemledi. Aýdym-sazly dabara gatnaşanlar halkymyzy eşretli durmuşda ýaşadýan, ýaşlara okamaga, öwrenmäge giň mümkinçilikleri açyp berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň atlaryna çuňňur alkyş sözlerini aýtdylar.

*Şasenem AŞYROWA,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.*

# DÜNÝÄ BILEN EGIN DEŇLÄP



Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, dünýä bilen egin deňläp, halkara giňişliginde ählumumy howpsuzlygy, abadançylygy, jebisligi pugtalandyrmak ugrunda täze teklipler bilen çykyş edip, parahatçylygy, asudalygy gorap saklamaga yzygiderli goşandyny goşýar.

Türkmenistan döwletimiz diňe bir ýurduň içersinde däl-de, eýsem halkara giňişliginde hem teklipler bilen yzygiderli çykyş edip gelýär. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyzyň mart aýynda biz Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan edendigi barada buýsançly habary uly şatlyk duýgusy bilen kabul edipdik. Şanly ýylymyza gadam basýan pursatlarymyzda bolsa, Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan, hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk toýunyň toýlanjak ýylynda, şeýle hem ýurdumyzyň raýatlarynyň we Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň agzalarynyň isleg-arzuwlaryny göz öňünde tutup, 2025-nji ýyly ýurdumyzda hem «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan edendigi hakynda hoş habara ähli ildeşlerimiz bolup begendik.

Türkmenistan döwletimiziň içeri hem-de daşary syýasat ugurlarynda, halkara gatnaşyklary ulgamynda öňe sürýän başlangyçlary dünýäde asudalygy, parahatçylygy, agzybirligi we jebisligi gorap saklamaga gönükdirilendir. Gahryman Arkadagymyzyň goýan ýoly, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen, üstümizdäki ýylda halkara giňişliginde we ýurdumyzda yglan edilen ýyl atlarynyň ugurdaş ýaňlanmagynda özboluşly simwoliki many bardyr. Munuň özi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň halkara derejesinde öz üstüne alan borçnamalaryny ýerine ýetirmekde hemişe nusgalyk görelde görkezýändiginiň aýdyň alamatydyr.

Dünýä bileleşigi hemişelik Bitarap türkmenistan döwletimiziň öňe sürýän başlangyçlaryny hemişe goldaýar. Bu hakykatda abraýly halkara guramalarynyň we olara agza dünýä döwletleriniň parahatçylykly, asuda we abadan geljegi gurmakda Türkmenistany özleriniň ynamdar hyzmatdaşy hökmünde görýändiginiň aýdyň mysaly jemlenendir.

Biz Türkmenistan döwletimiziň ösüşleri, abadanlygy we asudalygy ugrunda yzygiderli tagallalary durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik arzuw edýäris.

*Mamagül JORAÝEWA,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.*

*Okuw-usuly burçumyz*

# TÄZE KITAP ÇAPDAN ÇYKDY



Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň professor-mugallymlar köpçüligi tarapyndan gündelik okuw-terbiýeçilik işleri bilen ugurdaş ylmy, okuw we usuly işler hem ýokary depginlerde alnyp barylýar. Okuw dersleri boýunça täze okuw kitaplary, okuw gollanmalary yzygiderli taýýarlanylyp, gündelik umumy we amaly okuwlaryň bilim binýady yzygiderli berkidilýär.

Institutyň Ýeňil we agyr atletika kafedrasynyň professor-mugallymlary Döwletgeldi Mämmedow, Halmyrat Nepesow, Serdar Nurmyradow we Saparmyrat Mämmedow tarapyndan bilelikde taýýarlanylan «Ýeňil atletikanyň nazaryýeti we usulyýeti» atly okuw kitaby çap edildi. Bu kitap ýeňil atletika boýunça dersleri okadýan mugallymlar, tälimçiler, türgenler, şeýle hem ýeňil atletika bilen gyzyklanýan höwesjeň türgenler üçin mynasyp gollanma bolar.

*Meýlis ROZYÝEW,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.*

# ONLAÝN DUŞYŞYKLAR GEÇIRILDI

*10-njy ýanwarda Türkmenistanyň Futbol federasiýasynyň wekilleri Belgiýa Patyşalygynyň Futbol Assosiasiýasynyň we Germaniýanyň Futbol Bileleşiginiň wekilleri bilen onlaýn-duşuşyklary geçirdiler. Bu barada federasiýanyň saýtynda habar berilýär.*

Belgiýa Patyşalygynyň Futbol Assosiasiýasynyň wekilleri bilen geçirilen duşuşygyň esasy ugry BPFA-nyň baý tejribesini ulanyp, ýurdumyzda tälimçilik bilimini artdyrmaga hem-de çagalar-ýetginjekler futboluny ösdürmäge bagyşlanyldy.

Taraplar TFF-niň wekiliýetiniň Belgiýa futbolynyň işleriniň gurluşyny hem-de ýaş zehinleri ýetişdirmegiň usullaryny öwrenmek maksady bilen BPFA sapar guramagy meýilleşdirdiler.

Germaniýanyň Futbol Bileleşiginiň wekilleri bilen duşuşygyň barşynda TFF bilen GFB-niň arasynda Türkmenistanda çagalar-ýetginjekler futbolyny hem-de tälimçilik bilimini ösdürmekde Germaniýanyň tejribesini özleşdirmekde ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ýola goýmak bilen bagly meseleler maslahatlaşyldy.

Taraplar ikitaraplaýyn maslahaty dowam etdirmek barada ylalaşdylar.

*Agabaý AKMYRADOW,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.*

# MILLI TÜRGENIMIZIŇ YNAMLY ÝEŇŞI



Golaýda Saud Arabystany Patyşalygynyň Jidda şäherinde, Aziýa Tennis Federasiýasynyň (ATF) howandarlygynda, 14 ýaşa çenli türgenleriň arasynda Tennis boýunça halkara ýaryş geçirildi. Oňa 13 ýurtdan ýetginjek türgenleriň 36-sy gatnaşdy.

Bu halkara ýaryşda 13 ýaşly türkmen tennisçisi Süleýman Hudaýberdiýew ýekelikde çykyş edip, kümüş medala, jübütleýin çykyşda bolsa iň ýokary medala mynasyp boldy. Medallary ýaşajyk türgenimize dünýä tennisinde ady rowaýata öwrülen, 2008-nji ýylda ýekelikde we 2016-njy ýylda jübütleýin çykyş edip, Olimpiýa çempiony, Uly tuwulga ýaryşlarynyň 22-siniň, «Masters» tapgyryndaky ýaryşlaryň 36-synyň ýeňijisi bolan, Ispaniýanyň ýygyndy toparynyň düzüminde Dewisiň Kubogynyň bäş gezek eýesi bolan Rafael Nadal gowşurdy.

Şu ýerde Süleýman Hudaýberdiýewiň 6 ýaşyndan bäri tennis bilen meşgullanýanlygyny ýatlap geçmek ýerlikli bolardy. Yhlasly hem-de maksada okgunly türkmen türgeni özüni 2023-nji ýylda Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň düzüminde, 12 ýaşdan uly bolmadyk oýunçylaryň arasynda Aşgabatda geçirilen Merkezi Aziýa ýaryşynyň kümüş medalynyň eýesi bolmagy bilen tanadyp gelýär. Ol 2024-nji ýylyň oktýabr aýynda Katar döwletiniň Doha şäherinde geçirilen «3rd Qatar Asian Junior Tournament 14 & U» ýaryşlarynda ýekelikde çykyş edip, 2-nji orny — kümüş medaly eýeläpdi. Şol ýylyň noýabr aýynda geçirilen «Ashgabat Open 2024» ýaryşynda hem 2-nji orna — kümüş medala mynasyp boldy.

Saud Arabystanynyň Jidda şäherinde geçirilen «Asian 14 & Under Category 2 Jeddah» ýaryşynda ýekelikde kümüş we jübütleýin ýaryşda altyn medala eýe bolmagy geljegine uly ynam bildirilýän ýetginjek türgenimiziň kämillik we ussatlyk basgançaklaryndan barha ýokary galýandygyny görkezýär. Aşgabat şäherindäki 86-njy ýöriteleşdirilen orta mekdebiň 8-nji synp okuwçysy Süleýman Hudaýberdiýewiň bu gazanýan üstünliklerinde tälimçisi Gurbanberdi Gurbanberdiýewiň aýratyn yhlasly zähmeti, şägirdi barada edýän yzygiderli aladalary bardyr.

Biz ýaş türgenimize mundan beýläk-de iri halkara ýaryşlarynda üstünlikli çykyş edip, döwletimiziň mukaddes ýaşyl Tuguny belentde parlatmagyny arzuw edýäris.

*Göwher GARLYÝEWA,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.*

# TÜRKMENISTANYŇ ÇEMPIONATY

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň binýadynda türkmen milli göreşi we guşakly alyş göreşi boýunça Türkmenistanyň çempionaty geçirildi. Ol gyzykly we dartgynly tutluşyklary bilen tomaşaçylaryň köpsanlysyny özüne çekdi. Bäsleşige taýýarlykly gelen türgenler ýokary netijeleri görkezdiler.

Çempionatyň maksady bu sport görnüşleri boýunça öňde boljak halkara ýaryşlaryna mynasyp taýýarlyk görmek we zehinli türgenleri seçip almakdyr. Şu nukdaýnazardan ol möhüm ähmiýetli çäre boldy.

*Begenç MOLLAÝEW,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň bedenterbiýe hünäriniň 3-nji ýyl talyby.*



## TÜRKMENISTAN WE DÜNÝÄ SPORTY



# Täze saýlawlaryň senesi belli boldy

*«Çempionat» portalynyň habar bermegine görä, Halkara Olimpiýa Komitetiniň (HOK) täze prezidentiniň saýlawlaryny geçirmegiň deslapky senesi yglan edildi.*

Saýlawlary 20-nji martda geçirmek meýilleşdirilýär. Ýöne bu senäniň gün tertibiniň gutarnykly işlenilmegi bilen baglylykda üýtgäp biljekdigi hem abdylýar. Halkara Olimpiýa Komitetiniň 2025-nji ýylyň 18 — 21-nji martynda Gresiýada geçiriljek 144-nji sessiýasynda prezident wezipesi üçin ýedi dalaşgär bäsleşer. Dalaşgärler 2025-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda Lozannada (Şweýsariýa) ýapyk tertipde geçiriljek duşuşykda HOK-nyň agzalaryny öz maksatnamalary bilen tanyşdyrarlar.

Habarda HOK-nyň häzirki prezidenti Tomas Bahyň 2024-nji ýylyň awgust aýynda ygtyýarlyk möhleti tamamlanandan soň wezipeden gidýändigini mälim edendigi, şeýle hem onuň gurama 10 ýyldan gowrak — 2013-nji ýyldan bäri ýolbaşçylyk edip gelýändigi hem ýatlanylyp geçilýär.

*Geldimyrat SOLTOWOW,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.*

# MÖWSÜMIŇ IŇ GOWY FUTBOLÇYLARY



«Barselonanyň» 17 ýaşly gyraky hüjümçisi Lamin Ýamal geçen möwsümde klubuň iň gowy futbolçysy diýlip ykrar edildi. Şu mynasybetli ol Aldo Rowira adyndaky baýrak bilen sylaglandy diýip, Kataloniýa klubunyň resmi saýty habar berýär.

Ispaniýaly futbolçynyň bu baýragy ilkinji gezek alşydyr. Baýragyň sany boýunça rekord eýesi «Barselonanyň» öňki hüjümçisi Lionel Messidir. Ol şular ýaly baýraga alty gezek eýe bolupdy.

Kataloniýa kluby tarapyndan ýarymgoragçy Aýtana Bonmati geçen möwsümiň iň gowy zenan futbolçysy diýlip yglan edildi. Şu ýerde ýeňijiniň dürli neşirleriň žurnalistlerinden ybarat bolan eminler toparynyň agzalary tarapyndan kesgitlenendigini hem aýdyp geçmek bolar.

Geçen möwsümde Ýamal klub derejesinde ähli ýaryşlarda oýunlaryň 50-sine gatnaşdy. Ol garşydaşlaryň derwezesine girizilen 7 pökgi we 9 assist bilen tapawutlandy.

*Allanur NURMÄMMEDOW,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.*

# IŞ SAPARYNDA BOLDULAR



Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjileri, Döwlet we halkara hukugy kafedrasynyň uly mugallymy Ýazmyrat Küläýewiň ýolbaşçylygynda, Türkiýe Respublikasynyň Prezidentiniň Adam serişdeleri edarasynyň çakylygy boýunça Ankara şäherinde saparda boldular.

19 — 26-njy ýanwar aralygynda dowam eden iş sapary 2023-nji ýylda Ankara şäherinde Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy bilen Türkiýe Respublikasynyň Prezidentiniň Adam serişdeleri edarasynyň arasynda gol çekilen Adam serişdelerini dolandyrmak babatda hyzmatdaşlygy ösdürmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnamany durmuşa geçirmegiň çäklerinde amala aşyryldy. Iş saparynyň dowam edýän günlerinde Türki Döwletleriň Guramasynyň çäklerindäki Türki dünýäsiniň adam serişdelerini ösdürmek institutynyň (TIKGE) ilkinji maslahaty hem geçirildi. Duşuşyk Türkiýäniň Milli Prezident kitaphanasynyň binasynda geçirildi, Oňa Türkmenistanyň, Gyrgyz Respublikasynyň we Özbegistanyň döwlet gullugy we döwlet dolandyryş akademiýalarynyň wekilleri gatnaşdy.

Duşuşygyň açylyş dabarasynda Türkiýe Respublikasynyň Prezidentiniň Adam serişdeleri edarasynyň ýolbaşçysy Salim Ataý Türkiýe Respublikasynyň Prezidentiniň Adam serişdeleri edarasy tarapyndan guralan bu duşuşygyň 4 ýurduň wekilleri bilen Türkiýede geçirilen ilkinji duşuşykdygyny mälim etmek bilen: «Munuň özi myhmanlar üçin biziň ýurdumyzdaky degişli edaralaryň we ministrlikleriň alyp barýan işleri bilen tanyşmaga, adam serişdelerini dolandyrmak bilen bagly okuwlary guramaga we özara hyzmatdaşlygy ilerletmäge uly mümkinçilik boldy» diýip belledi.

Türkmenistandan baran wekiliýete ýolbaşçylyk eden akademiýanyň uly mugallymy Ýazmyrat Küläýew duşuşykda çykyş edip, dostlukly ýurtda myhmansöýerlik däpleri esasynda garşylanmagy üçin hoşallyk bildirdi. Şonuň ýaly-da, Maksatnamanyň çäginde geçiriljek gepleşikleriň iki ýurduň arasynda dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrjakdygyny belläp, bilelikdäki taslamalar üçin berk binýatlaryň dörediljekdigine doly ynam bildirdi.

Medeni maksatnamanyň çäginde Türkmenistandan baran wekiller Stambulyň we Ankaranyň ajaýyp ýerleri bolan Aýasofiýa muzeýine, Soltan Ahmed metjidine, Topkapy köşgüne, Türkiýäniň Milli Prezident kitaphanasyna syýahat etdiler we Türkiýäniň baý taryhy mirasy bilen tanyşdylar.

***Dörtguly JUMAÝEW,***
***Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.***



# «Galkan» — Türkmenistanyň çempiony

***Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň «Galkan» hokkeý kluby möhletinden öň Türkmenistanyň çempiony boldy.***

*Milli metbugat neşirlerinde habar berlişi ýaly, «Galkan» şunuň bilen milli turnir oýunlarynyň 10 gezek ýeňijisi boldy. Munuň özi mümkin bolan 10 ýeňişden 10-syny hem gazanyp, absolýut netijäni görkezmek diýmekdir.*

*Milli ýygyndy toparynyň ýolbaşçysy Ahmet Gurbanowyň we klubuň öňki oýunçysy Guwanç Jepbarowyň tälim bermeginde, «Galkan» klubunyň oýunçylary ussatlyk menzillerinden öňe ynamly ädimleýärler. Muňa toparyň oýunçylarynyň köpüsiniň milli ýygyndy toparynyň düzüminde çykyş edýänligi hem aýdyň şaýatlyk edýär.*

*Bu möwsümde ikinji orun üçin bäsleşikler aýratyn okgunly ýagdaýa eýe boldy. Soňky tapgyrda «Oguzhan» topary «Nesili» 8:3 hasabynda ýeňip, kümüş medala eýe boldy. Bäsleşikde üçünji orny — bürünç medaly bolsa «Şir» topary eýeledi.*

*Klubuň gazanan ynamly ýeňşi bilen bir hatarda topardan ýylyň iň gowy derwezeçisi hökmünde Kerimli Çaryýew, iň gowy goragçy hökmünde Döwlet Hydyrow, iň gowy hüjümçi hökmünde Nowruz Baýhanow yglan edildi.*

**Arazsoltan MÄMMEDOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# IŇ GYMMAT WE «ŞOWSUZ» TRANSFERLER

*Abraýly* ***Goal.com*** *neşiri futbolyň taryhynda iň gymmat «şowsuz» transferleriň 19-synyň sanawyny düzdi.*

*Sanawyň başynda fransuz hüjümçisi Usman Dembeleniň Dortmundyň «Borussiýasyndan» «Barselona» toparyna geçişi barada maglumat ýerleşdirilipdir. 2-nji orunda belgiýaly hüjümçi Eden Azaryň «Çelsiden» «Reala» geçişi, 3-nji orunda katalon transferi Filippe Koutinýonyň «Liwerpuldan» «Barselona» geçişi bilen bagly maglumatlar görkezilýär.*

*Ilkinji üçlükden soň, oňa golaý ýerde braziliýaly futbol ýyldyzy Newýmaryň ady görkezilipdir. Ol «PSŽ» toparyndan Saud Arabystany Patyşalygynyň «Al-Hiýal» toparyna geçse-de, möwsümiň aglaba bölegini çep dyzyndaky bognunyň we dyzçanagyndaky kitirdewüginiň şikesleri sepäpli oýunlara gatnaşyp bilmän geçiripdi. Neýmar bu sanawda ýene-de bir orny — «Barselonadan» «PSŽ» toparyna geçişi bilen 17-nji orny eýeleýär.*

*Belgiýaly hüjümçi Romelu Lukaku hem sanawda iki orunda görkezilipdir. Ol «Interden» «Çelsä» we «Ewertondan» «Mançester Ýunaýtede» geçen döwürleri transfer hökmünde täze goşulan toparlaryna garaşylyşy ýaly derejede peýda getirip bilmändi.*

*Futbol taryhynyň iň gymmat «peýdasyz» transferleriniň top-19 sanawy dolulygyna şulardan ybarat:*

*Usman Dembele — «Borussiýadan» «Barselona» (2017-nji ýylyň awgusty — €135 mln), Eden Azar — «Çelsiden» «Reala» (iýul 2019-njy ýylyň iýuly — €120,8 mln), Filippe Koutino — «Liwerpuldan» «Barselona» (2019-njy ýylyň ýanwary — €135 mln), Neýmar — «PSŽ» toparyndan «Al-Hilýala» (2023-nji ýylyň awgusty — €90 mln), Antoni — «Aýaksdan» «Mançester Ýunaýtede» (2022-nji ýylyň awgusty — €95 mln), Romelu Lukaku — «Interden» «Çelsä» (2021-nji ýylyň awgusty — €113 mln), Pol Pogba — «Ýuwentusdan» «Mançester Ýunaýtede» (2016-njy ýylyň awgusty — €105 mln), Žoau Feliks — «Benfikadan» «Atletiko» (2019-njy ýylyň ýanwary — €127,2 mln), Nikolýa Pepe — «Lillden» «Arsenala» (2019-njy ýylyň awgusty — €80 mln), Randal Kolo Muani — «Aýntrahtdan» «PSŽ» toparyna (2023-nji ýylyň awgusty — €95 mln), Jek Griliş — «Aston Willadan» «Mançester Sitä» (2021-nji ýylyň iýuly — €117,5 mln), Antuan Grizmann — «Atletikodan» «Barselona» (2019-njy ýylyň awgusty — €120 mln), Alwaro Morata — «Realdan» «Çelsä» (2018-nji ýylyň ýanwary — €66 mln), Romelu Lukaku — «Ewertondan» «Mançester Ýunaýtede» (2017-nji ýylyň iýuly — €84,7 mln), Garri Maguaýr — «Lester Sitiden» «Mançester Ýunaýtede» (2019-njy ýylyň awgusty — €87 mln), Kepa Arrisabalaga — «Atletikadan» «Çelsä» (2018-nji ýylyň awgusty — €80 mln), Neýmar — «Barselonadan» «PSŽ» toparyna (2017-nji ýylyň awgusty — €222 mln), Zlatan Ibragimowiç — «Interden» «Barselona» (2009-njy ýylyň iýuly — €69,5 mln), Hames Rodriges — «Monakodan» «Reala» (2014-nji ýylyň iýuly — €75 mln).*

***Metbugat maglumatlary esasynda taýýarlan***
***Maksat BAÝRAMGULYÝEW,***
***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.***

# BELENT YNAMY ÖDÄP

## (söhbetdeşlik)



***Buýsandyryjy üstünliklere beslenip tamamlanan «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyzyň jemleri boýunça Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutymyzyň talyp türgenleriniň ilkinji onlugy yglan edildi. Biz türgen deň-duşlarymyzdan uşu boýunça uly üstünlikleri gazanan Göwher Gowşudowanyň hem bu sanawa düşendigini bilip begendik.***

***— Göwher, sizi institutymyzyň talyp türgenleriniň ilkinji onlygyna girmegiňiz bilen gutlaýarys. Institutymyzda her aýda geçirilýän baş nyzamlarda aýyň jemleri boýunça ýaryşlarda ýer alan türgenlermiziň sanawynda adyňyzy ýygy-ýygydan eşidip durýarys.***

— Sag boluň! Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bildiren belent ynamyny ödäp, ýurdumyzyň sport abraýyny geljekki ýokary basgançaklara çykarmak meniň üçin belent bagt. 2024-nji ýyl meniň üçin üstünlikli we ýatda galyjy wakalara baý ýyl boldy. 11 — 12-nji maý aralygynda Täjigistan Respublikasynyň Hojant şäherinde geçirilen Uşu boýunça Merkezi Aziýanyň kubogynda 70 kilogram agram derejesinde çykyş edip, 1-nji orna — altyn medala, 8 — 17-nji sentýabr aralygynda Hytaý Halk Respublikasynyň Makao şäherinde geçirilen Uşu boýunça Aziýa çempionatynda hem 70 kilogram agram derejesinde çykyş edip, 3-nji orna — bürünç medala eýe boldum. Bu üstünlikli çykyşlarymy 22 — 25-nji dekabr aralygynda Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde geçirilen Uşu boýunça halkara ýaryşynda 70 kilogram agram derejesinde çykyş edip, 1-nji orna — altyn medala mynasyp bolmak bilen jemledim.

***— Hünär ýoluňyzda gazanan ýeňişleňiziň arasynda iň bir ýatda galany haýsy diýip pikir edýärsiňiz?***

— Meniň üçin gazanan ýeňişlerimiň ählisi hem ýatda galyjy. Her biri özboluşly täsirli. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda geçirilen Uşu boýunça dünýä çempionatynda, şeýle hem öňde ýatlap geçen bäsleşiklerimiň her birinde gazanan üstünligim meniň üçin ýatda galyjy. Çünki olaryň her biri biziň mähriban Watanymyzyň sport abraýyny ýokarlandyrmak, olar üçin eşiden berekellalarymyz bilen bagly.

***— Sporty hünär hökmünde saýlamagyňyzda, gazanýan ýeňişleriňizde maşgalaňyzyň niçiksi orny bar diýip hasap edýäňiz?***

— Men 13 ýaşymdan sport bilen meşgullanyp gelýän. Enem-atam we maşgala agzalarym başdan meni goldaýşlary ýaly, häzirki wagtda hem her bir gazanýan üstünliklerime ýürekden begenýärler. Yzygiderli türgenleşikler, ýaryşlar wagtynda, gündelik okuw sapaklarynda islendik pursatlarda olary ýatlamagym güýjüme güýç goşýar. Men milli sportumyzy dünýä derejesinde ösdürýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza özümiz üçin döredilip berilýän şertler üçin ýene-de bir mertebe tüýs ýürekden alkyş aýdýaryn. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, il-ýurt bähbitli işleri hemişe rowaç bolsun!

***— Göwher, arzuwlaryňyz hasyl bolsun! Size okuwda, sportda uly üstünlikleri arzuw edýäris.***

— Sag boluň!



*Söhbetdeş bolan Arzuw ŞAÝYMOWA, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.*

# Bu günki üstünlik — ertirki ýeňiş

*Ýurdumyzda bedenterbiýe we sport ugurly ýeke-täk ýokary okuw mekdebi bolan Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty her okuw ýylynyň jemleri boýunça ýurdumyzyň dürli künjeklerinde işleýän sport mekdepleri, sport edaralary üçin zamanabap bilimli, tejribeli sport hünärmenleriniň ýüzlerçesini goýberýär. Biziň şu günki gürrüňdeşimiz 2024-nji ýylda ady agzalan instituty sport tansy hünäri boýunça tamamlan, Aşgabat şäheriniň Bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirligine degişli 13-nji sport mekdebiniň sport gimnastikasy boýunça tälimçi mugallymy Ylýas Amangulyýew.*

***— Ylýas, ýaşlarymyzyň her biri ýokary okuw mekdebiniň gapysyndan ätläninde, ol ýerde hünär eýesi bolansoň durmuşda gazanjak orny, Garaşsyz döwletimiziň geljekki ösüşleri üçin amala aşyrjak işleri barada göz öňüne getirmelere dolýandyr. Bu sizde nähili boldy?***

— Hawa, mende-de şeýle bolupdy. Sport tansy hünärini tamamlap, häzirki wagtda mekdepde sport gimnastikasy boýunça okuwçylary türgenleşdirýärin. Bu ugurlar ýurdumyzda sportuň ýaş görnüşleri. Şuňa garamazdan, bagtyýar nesillerimizde bu görnüşlere höwes örän ýokary derejede. Meniň özüm hem şol höwesjeňleriň biridim. Talyp bolup Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň bosagasyndan ätlänimde ilkinji göz öňüne getirmelerim bu ugurdan türgen hem-de tälimçi mugallym bolup, ýaş nesillere sportuň bu görnüşi boýunça tälim bermek bilen bagly boldy. Bilşimiz ýaly, başda köňlüňde beslän arzuwlaryň hakykat ýüzünde hasyl bolmagy Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyz, hususan-da ösüp gelýän ýaş nesiller üçin döredip berýän giň mümkinçiliklerinden gözbaş alýar.

***— Ylýas, bilşimiz ýaly, tälimçi mugallymyň wezipesi diňe bir ýaşlara beden taýdan terbiýe bermegi, degişli görnüş boýunça türgenleşdirmegi, ýeňişlere taýýarlamagy däl-de, eýsem ýaşlarda öz hünärine, Watana bolan söýgini ösdürmek bilen bagly borçlary hem öz içine alýar. Ýaş hünärmen hökmünde öz işiňizde bu mukaddes borçlary özara utgaşdyryşyňyz barada nämeleri aýdyp bilersiňiz?***

— Men häzirki wagtda 6-8 we 9-10 ýaşly okuwçylardan düzülen toparlar bilen türgenleşik sapaklaryny guraýaryn. Mekdebimizde sport gimnastikasy, çeper gimnastika, sport akrobatikasy ýaly görnüşler boýunça hem dürli ýaşdaky oglanlar hem-de gyzlar üçin toparlar hereket edýär. Men bu ýerde halypa tälimçi mugallymlaryň maslahatlary, şeýle hem ýokary okuw mekdebinde geçilen dersler boýunça ele alan



bilimlerimi bir ýere jemläp, her bir okuwçynyň gylykhäsiýetlerini öwrenmek, ukybyny, zehinini, başarnygyny ýüze çykarmak bilen, olaryň özlerini doly derejede açmaklary we hünäre ugrukmaklary üçin yzygiderli usuly işleri alyp barýaryn. Watançylyk terbiýesini berşim barada aýtsam, her günki türgenleşik sapaklaryň öňüsyrasynda okuwçylara ýurdumyzyň durmuşynda, şol sanda sport ulgamynda bolup geçýän buýsançly wakalar, täze ösüşler barada gysgaça habarlary eşitdirip, okuwçylaryň her bir sapakda, ýaryşlarda gazanýan ýeňişleriniň diňe bir öz hususy ýeňişleri däl-de, eýsem Watanymyzyň geljekki ösüşleri bilen aýrylmaz baglanyşykly ýeňişlerdigini aňlaryna ornaşdyrýaryn. Aýratyn yhlaslylyk we ýokary netijeleri görkezýän okuwçylary tapawutlandyryp durmak, beýleki okuwçylara görelde hökmünde görkezmek hem bu ugurda peýdaly usullaryň biri diýip düşünýärin.

***— Ilkinji netijeleriňiz, ýeňişleriňiz barada nämeleri aýdyp bilersiňiz?***

— Iş ornuma gelip işläp başlan wagtymyň dowamynda, esasan, 2024-nji ýylyň noýabr aýynda geçirilen Sport gimnastikasy boýunça Türkmenistanyň çempionatyny buýsanç bilen ýatlap bilerin. Çempionat Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde geçirildi. Onda mekdebimiziň okuwçylary üstünlikli çykyş edip, Hormat hatlaryna, altyn, kümüş, bürünç medallara mynasyp boldular. Şol sanda meniň türgenleşdirýän toparymyň okuwçylaryndan Azim Söýünow öz ýaşytdaş türgenleriniň arasynda 2-nji orna mynasyp boldy. Häzirki wagtda öz toparlarymyz bilen üstümizdäki ýylyň 1 — 23-nji fewraly aralygynda dostlukly Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde geçiriljek sport gimnastikasy, sport akrobatikasy görnüşleri boýunça okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryna gatnaşmaga gitmek üçin taýýarlyk görýäris. Sporty dost-doganlygyň, agzybirligiň, hoşniýetli gatnaşyklaryň serişdesi hökmünde öňe sürýän döwletimiziň ýaşlarynyň bu iri sport çäresinde üstünlikli çykyş edip, abraý eýesi boljakdyklaryna ynanýaryn. Bize öwrenmäge, işlemäge, türgenleşmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik arzuw edýärin.

***— Ylýas mugallym, beren gyzykly gürrüňleriňiz üçin sag boluň! Size-de ýaş nesiller, geljekki türgenler bilen alyp barýan işleriňizde hemişe üstünlikleriň hemra bolmagyny arzuw edýäris.***

**Bägül GARAÝEWA, TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň uçurymy**

# «GELJEGIŇ OÝUNLARY»



«Gibrid dissiplinalar boýunça halkara ýaryşlar bolan ikinji «Geljegiň oýunlary» şu ýylyň 21-nji noýabrynda Birleşen Arap Emirliklerinde başlanar» diýip, RIA Nowosti ýaryşyň resmi saýtynda ýerleşdirilen maglumata salgylanyp habar berýär.

«Şu gün BAE-de 2025-nji ýylyň «Geljegiň oýunlarynyň» 21-nji noýabrda başlajakdygy yglan edildi. Dünýäniň iň gowy türgenleriniň we geýmerleriniň epiki futuristik gapma-garşylykda duşuşmagyna taýýar boluň» diýlip, habarda aýdylýar.

Oýunlaryň çäginde fijital-futbol, fijital-basketbol, fijital-şuter we fijital-tans boýunça ýaryşlar geçiriler. Ýakyn wagtda guramaçylar goşmaça oýun nusgalar barada habar bermegi meýilleşdirýärler.

«Geljegiň oýunlary» nusgawy sporty, kibersporty we döwrebap tehnologiýalary (VR/AR) birleşdirýän özboluşly ýaryşlardyr. Şu ýerde birinji Oýunlaryň 2023-nji ýylyň 21-nji fewraly — 3-nji marty aralygynda Kazanda we Soçide geçirilendigini we oňa 107 ýurtdan 2000-den gowrak adamyň gatnaşandygyny ýatlap geçmek bolar.

**Žaloleddin BALTABAÝEW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**



*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda sportuň dürli ugurlary boýunça alýan bilimleri bilen bir hatarda çeper-döredijilik zehini babatda adygýan talyp ýaşlarymyzyň onlarçasy bardyr. Biz gazetimiziň şu sanynda şolaryň biri, Sport fakultetiniň 5-nji ýyl talyby Baýramgeldi Täçmyradowyň goşgularyny deň-duşlarymyza hödürleýäris.*

*Belli bolşy ýaly, şygryýet galam ýöredýän döredijilik adamyndan bilimliligi, sowatlylygy, durmuşa beletligi, Watana, il-güne, Garaşsyz döwletimize çuňňur söýgini talap edýär. Şonuň ýaly-da çeper söze baýlygy, duýguçyllygy, gözelligi duýup bilýän ýüregiň bolmagyny ilkinji zerurlyk hökmünde orta çykarýar. Baýramgeldiniň setirlerini okap göreniňde, ýaş şahyryň dil babatda kämilligine, söze baýdygyna göz ýetirmek bolýar. Bu aýratynlyk ýaş şahyryň içki dünýä beýanyny, gözelligi duýup bilşini kagyz ýüzüne täsirli geçirmegi üçin giň mümkinçilik berýär.*

*Biz ýaş zehinimize geljekde hem galamynyň ýiti bolmagyny arzuw edýäris.*

*«Talyp sporty».*

## Talyp gözeli

***Misli dolan Aý dek nurana ýüzli,***
***Garamyk gözleri, gaşy sürmeli,***
***Şirin-şeker dilli, mylaýym sözli***
***Aşgabadyň juwan talyp gözeli.***

***Saçlary şamardyr, zülpleri tar-tar,***
***Alma deý gyrmyzy ýaňaklary bar,***
***Gül tahýa görküne gözellik gatýar,***
***Aşgabadyň juwan talyp gözeli.***

***Hünji dişin gizlär gülgün lebleri,***
***Ýylgyrşy ýatladar elwan gülleri,***
***Hünärlidir akja näzik gollary,***
***Aşgabadyň juwan talyp gözeli.***

***Garaşsyz döwletim ösýär dünýä taý,***
***Ýurdum gözguwanjym — gözellige baý,***
***Bilimden, sportdan alýar mydam paý,***
***Aşgabadyň juwan talyp gözeli.***

## Gaty görmeseň

***Nurana ýüzüňi aýa meňzetdim,***
***«Aýym» diýjek saňa, gaty görmeseň.***
***Bu dünýäde saňa bagtymsyň öýdüp,***
***Adyň aýdym edip gezýärin, bilseň,***
***«Taýym» diýjek saňa, gaty görmeseň.***

***Nur çaýylýar gözleriňden ýyldyz deý,***
***«Ala gözlim» diýjek, gaty görmeseň.***
***Barlygyňda özüm bagtly duýýan men,***
***Aglaýar ýüregim seni görmesem,***
***«Tümde çyram» diýjek, gaty görmeseň.***

***Näme söz diýsemem, ýetmez waspyňa,***
***«Apat» diýjek saňa, gaty görmeseň.***
***«Bagtym» diýjek, «ýarym» diýjek***
***men saňa,***
***Aý gyz, bu goşgyma garşy durmasaň,***
***«Täleýim sen» diýjek, gaty görmeseň.***

## Mende seni söýen kalp bar

***Açaryny ýitirdim men,***
***Gursagymda täsin gulp bar.***
***Belki, açyp bilersiň sen,***
***Mende seni söýen kalp bar.***

***Gursakdaky gulpum açyp,***
***Göwnüm alsaň göwni açyk,***
***Boldum saňa çyndan aşyk,***
***Mende seni söýen kalp bar.***

***Söýýän diýip görmändim öň,***
***Ilki aşyk bolanym sen,***
***Bilmen, sensiz neýlärin men,***
***Mende seni söýen kalp bar.***

*Baýramgeldi TÄÇMYRADOW,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sport fakultetiniň 5-nji ýyl talyby.*

# Milli türgenimiziň ýeňşi

TEN-PRO Global Junior Tour

***«Altyn asyr» elektron neşiriniň berýän habaryna görä, 11 ýaşly türkmen tennisçisi Sülgün Işangulyýewa BAE-niň Dubaý şäherinde geçirilen «TEN-PRO Global Junior Tour» halkara ýaryşynyň ýeňijisi boldy.***




Belli bolşy ýaly, bu bäsleşik Ýewropa, Afrika, Awstraliýa, Ýakyn Gündogar we ABŞ ýurtlarynyň tennis akademiýalarynda geçirilýän 14 sany halkara ýaryşyny özünde birleşdirýär, Oňa her ýylda U10, U11, U12, U13, U14, U15 we U16 ýaş toparlaryna degişli bolan zehinli tennisçiler gatnaşýar.

Sülgün Işangulyýewa bäsleşigiň deslapky tapgyrynda iki topara bölünen, 2013-nji ýylda doglanlardan uly bolmadyk 11 gyzyň baş baýrak ugrunda bäsleşýän U11 toparynda ýeňiji boldy. Ol «B» toparçadaky ýaryşda alžirli Haýa Duadini 6:0, 6:0, BAE-den Antonina Troninany 6:3, 6:3, russiýaly Ýewa Petinowany 6:4, 6:2 we gazagystanly Kamila Bilýalowany 6:1, 6:1 hasap bilen utup, ýeňiji boldy. Final oýunlarynda bolsa «A» toparçanyň ýeňijisi gruziýaly A.Beradzeden 6:2, 6:1 hasabynda üstün çykdy we çempionlyk kubogyndan başga-da baýrak hökmünde «FILA» markaly sport lybasyna-da mynasyp boldy.

Habarda Sülgüniň bu ýaryşlara «Aşgabat» tennis akademiýasynyň tejribeli tälimçileriniň ýolbaşçylygynda taýýarlanandygy aýdylýar. Häzirki wagtda Sülgün Işangulyýewa Türkmenistanyň (14 ýaşa çenli) zenanlar milli ýygyndy toparynyň agzasydyr.

*Döwran SÄHETLIÝEW,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.*

# ПОДГОТОВКИ К ОЛИМПИЙСКИМ ИГРАМ

Сборная Туркменистана по настольному теннису участвовала на международном турнире, который проходил в Дохе (Катар) с 27 по 30 января.

По сообщению пресс-службы Федерации настольного тенниса Туркменистана, на этом турнире разыгрывались медали по нескольким возрастным категориям от U11 до U19.



В соревнованиях приняли участие сильнейшие спортсмены из Азии, арабских стран и Европы, что сделало турнир рейтинговым и привлёк лучших игроков. Сборную Туркменистана представили Ильяс Алланазаров, Вепа Мередов, Назим Дурдыев, Атахан Пыгамов, Дортгулы Алланазаров, Мукам Артыков, Арслан Гурбанов, Назар Абдыев и Дженнет Амандурдыева. Команду возглавил тренер Давуд Якубов.

Как сообщается, этот турнир является началом подготовки туркменских мастеров к юношеским Олимпийским играм 2026 года и Олимпийским играм в Лос-Анджелесе 2028 года.

***Сельби БЯШИМОВА,***
***Студентка 4-го курса Туркменского государственного института физической культуры и спорта по специальности спортивной журналистики.***

# ENELERE MEŇZESEŇ...

*(duýguly oýlanma)*



Sen hakda oýa batdygymça, täze-täze ýatlamalar hyýalymda janlanýar. Göwnüme bolmasa, mugallymymyzyň ýygy-ýygydan gaýtalan «ene toprak» diýen jümlesiniň manysyna indi has-da gowy düşünýän ýaly. Çünki ene mukaddes topragymyz deýin öz balalaryny dünýä inderýär, ösdürýär, terbiýe berýär...

Eje jan, men seni şeýlebir gowy görýän. Öýden gysga wagtlyk çykanymda hem seniň ýylgyryşyňy, mähirli gözleriňi, «balam» diýen sözüňi, ýylyjak gujagyňy küýseýän.

Käbäm, sen maňa elmydama dik durmagy, güýçli, mert, sada, mähirli, dogruçyl bolmagy öwretdiň. Obadan, maşgala ojagymdan, orta mekdebimden uçurym bolup, mähriban paýtagtymyzyň goýnunda ýokary hünär bilimini alyp ýören pursatlarym bu hakykaty has-da aýdyň duýup bilýärin.

Ýadymda, sen elmydama çagalaryňy gorap saklardyň. Hassalasak, başujumyzda tä gutulýançak aladaly oturardyň. Seniň tamdyra çörek ýapýan wagtyňda goňşy-golamlaryň çagalary bilen oýnap ýören ýerimizden çagyryp, hemmämize bal ýaly çöregiňden döwüp paýlaýşyň henizlerem gözümiň öňünde. Tamdyrdan çykan mele-myssyk çöregiň ysynyň nähili ýakymlydygyny diýsene. Şonda gyzgynjak çöregi tamdyryň ýanynda oturyp, suwa ezip iýşimiz henizem ýadymdan çykanok.

Ilkinji bäşlik alan günümi diýsene. Şol gün mugallym gündeligime ilkinji bäşligi bahany goýanynda, begenjimden guş bolup uçaýjak bolupdym. Tizräk öýe barmaga we alan ilkinji bäşligimi saňa buşlamaga howlugypdym.

Çagalyk ýyllarymyň birje pursadyny hem unutmazlyga çalyşýan. Çünki olaryň her birinde sen hakynda ýakymly ýatlamalar bar. Eje jan, sen maňa öz barlygyň bilen, hawa, şol barlygyň bilen bahasyna ýetip bolmajak bagtyýar çagalygymy sowgat edipdiň. Belki-de şondandyr, uzak ýola çykanymda hem ilki bilen seniň mähirli keşbiň hökman göz öňüme gelýär. Näme üçindir, elmydama sen meniň ýanymda ýaly.

Men mydama saňa mynasyp perzent bolmaga synanyşdym. Seni başardygymdan begendirmek isledim. Özüm hem her bir ädimde saňa meňzemek isledim. Ol şu wagt hem şeýle. Kiçijik wagtym seniň köwüşleriňi geýip, saňa meňzäp ýöremäge synanyşardym. Sen Göwheriň gyzymy diýip sorasalar, gözlerime begenç ýaşlarynyň inenini hem duýman galýardym.

...Arada oba baranymda ýolugra bir nätanyş daýza gabat geldim. Ol ýüzüme, özümi alyp barşyma seredip:

— Sen Göwheriň gyzymy? — diýip sorady. — Boýuň-syratyň, ýöreýşiň hakyt ejeň özi-dä, tüweleme, göz degmesin, balam — diýip, meni mübärekledi.

Men diýseň begendim. Çünki enä meňzemek, enäniň dowamy bolmak perzendiň öňünde durmuşyň giň ýoluny açyp goýýar. Men özümi seniň ýaly ejemiň barlygy üçin örän bagtly saýýaryn, käbäm!

***Arzuw ŞAÝYMOWA,***
***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.***

# DÜNÝÄNIŇ TÄSIN KÜNJEKLERI



## REŇKLI GAÝALAR

Hytaýyň Gansu welaýatyndaky Geologiýa seýilgähi täsin tebigy hazynasy bolan reňkli dag jynslary bilen bellidir. Gadymy hek eýýamyna degişli bolan dürli reňkdäki gumdaşlaryndan (pesçanka) we dürli dag jynslarynyň gatyşmasyndan (konglomerat) ybarat bolan bu gözel künjek syýahatçylaryň ünsüni hemişe özüne çekýär. Ylmy maglumatlaryň güwä geçmegine görä, mundan ýüz millionlarça ýyl ozal bu ýerde tebigy suw hanasy bolupdyr. Onuň gurap gitmegi bilen, düýbünde galan çyg galyndylarynyň himiki täsirleşmesi netijesinde, bu reňk öwüşginlerine baý gözel künjek emele gelipdir.

***Maral ŞAMUHAMMEDOWA,***
***TDBSI-niň talyby.***



## ÝAPONIÝADAKY BAMBUK JEŇŇELLIGI

Kiotodaky dag landşaftynyň merkezinde tebigy suratkeşlik burçy — gür bambuk jeňňelligi ýerleşýär. Ol bambuk daragtynyň sansyz möçberini özünde jemlänpdir.

Bu meýdançada gezelenç etmek üçin mümkinçilikler göz öňünde tutulandyr. Agşamlaryna seýilgäh ýüzlerçe kiçijik çyralaryň kömegi bilen dürli ýşyklara beslenip, täsin görnüşi emele getirýär.

***Jeren ABDULLAÝEWA,***
***TDBSI-niň talyby.***

TALYP SPORTY

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň elektron görnüşde, aýda 1 gezek neşir edilýän gazeti

Möçberi: 0,5 çap list. Sahypa sany: 8

**REDAKSIÝANYŇ GEŇEŞI:**

M. Joraýewa, A. Mämmedowa, A. Şaýymowa, T. Azizowa, M. Durdyýewa, A. Amanowa, G. Soltowow, S. Babanazarowa, L. Kürenowa, H. Muhyýewa, S. Bäşimowa, Ş. Aşyrowa, J. Baltabaýew, O. Eýeberenowa.

Salgysy: 744013. Aşgabat şäheri, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 40-njy jaý.

Gazetiň asyl nusgasy Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda taýýarlanyldy.

e-mail: tdbsi@sanly.tm

**Redaktor Agabaý Akmyradow**

# BELENT YNAMYŇ BAŞLANÝAN ÝERINDE

**Geljekki sport žurnalisti hökmünde ilkinji gezek gürrüňdeşlik taýýarlamaga gitjek pursadymda tejribeli talyp ýoldaşlarym maňa: «Özüňi ynamly tutgun. Biziň sport türgenlerimiz sadadyrlar, adamkärçilikli, alçak, watansöýüjidirler. Sözüň nähili alşyp gidendigini hem duýman galarsyň» diýdiler.**

**Meni şonda özleriniň ussatlyklary bilen dünýä giňişliginde mukaddes ýaşyl Tugumyzy belentden parladýan türgen deň-duşlarymyzyň dünýäsi has-da özüne çekdi. Ilkinji gürrüňdeşlik taýýarlamaly türgenim Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sport fakultetiniň 2-nji ýyl talyby Aminat Guwanjowanyň huzuryna ynamly bardym. Sportuň sambo görnüşi boýunça gazanan ýokary netijeleri bilen ol institutymyzyň talyp türgenleriniň arasynda «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyzyň jemleri boýunça ilkinji onluga düşüpdi. Şeýle-de taryhymyzyň altyn sahypalaryna siňip giden şanly ýylymyz oňa «Halkara derejeli sport ussady» diýen belent hormatly ady bagyş eden ýyl boldy.**



***— Aminat, «Halkara derejeli sport ussady» diýen belent hormatly ada mynasyp bolmagyňyz bilen sizi talyp deň-duşlarymyzyň adyndan tüýs ýürekden gutlaýaryn!***

— Sag boluň! Biziň ynamly ýeňişlerimiziň gözbaşynda gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň biz — ýaş türgenler üçin döredip berýän giň mümkinçilikleri durýar. Men özümiz barada edýän aladalary üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik arzuw edýärin. Şeýle-de şu hili ussatlyk derejesine çykmagymda alada eden tälimçim, Jiu-jitsu boýunça milli ýygyndy toparymyzyň tälimçisi Kemal Meredowa hoşallygymy bildirýärin.

***— Siz «Talyp sporty» gazetimiziň sahypasynda deň-duşlaryňyz bilen ilkinji gezek duşuşýaňyz. Şonuň üçin özüňiz barada berjek islendik gürrüňiňiz okyjylarymyz, deň-duşlarymyz üçin gyzykly bolar diýip hasap edýärin.***

— Men 2003-nji ýylyň 16-njy ýanwarynda Mary welaýatynyň Mary etrabynda doglan. Maşgalamyzda üç çaganyň körpesi. 2010 — 2021-nji ýyllar aralygynda etrabymyzdaky 18-nji orta mekdebi tamamladym. Maşgalamyzy ýatlamagymyň özboluşly sebäbi bar. Kakam Guwanjyň, ejem Ogulşiriniň, doganlarym Bägül bilen Arçanyň maşgalamyzda bildiren ilkinji ynamlary soňra Garaşsyz döwletimiz hem-de halkara derejesinde bildirilen belent ynama öwrülip gidipdi. Çünki sportuň başa-baş söweş sungaty görnüşi diýmek, sambo, jiu-jitsu görnüşleri diýmek türgenden öz hünärine söýgi we yzygiderli türgenleşikler bilen bir wagtda özünde polat ýaly berk erk-ygtyýarlylygy terbiýelemegi hem talap edýär. Şu ýerde ynam bildirilmek diýen pursadyň aýratyn wajyp orny bar. Hut şu sebäpden hem her gezek döwlet we halkara derejeli ýaryşlardan ýeňişli dolanyp, hormatly Prezidentimiziň, ildeşlerimiziň, sport janköýerleriniň berekelasyna mynasyp bolanymda, bu belent ynamyň gözbaşy, çeşmesi bolan maşgala ojagyma togap edýärin. Hossarlarym bilen jaňlaşyp, olaryň her birini ýürekden gowy görýänimi aýdýaryn. Obadaşlara, mekdep mugallymlaryma, deň-duşlaryma salam ýollaýaryn.

***— Sporta gelşiňiz, hünär ýoluňyzy saýlaýşyňyz niçiksi boldy?***



— 13 ýaşymda Mary şäherindäki 7-nji sport mekdebinde sambo boýunça türgenleşmäge başladym. Tälimçim Maýa Meredowa sportuň bu görnüşiniň inçe emellerini, tilsimlerini yhlasly öwretdi. Dzýudo, türkmen milli göreşi, jiu-jitsu görnüşleri bilen hem meşgullandym. 2016-njy ýylda sambo boýunça 44 kilogram agram derejesinde welaýat çempionatynda 2-nji orna eýe boldum. Bu meniň soňra birnäçe gezek Türkmenistanyň çempiony diýen hormatly ada eýe bolmagymyň başyny başlan pursat boldy.

***— Mälim bolşy ýaly, her täze okuw ýyly başlananda institutymyzyň gapysyndan ätlän birinji ýyl talyplaryň öz saýlan ugurlary boýunça döwlet we halkara derejeli ýaryşlaryň çempionlary bolup gelendiklerini görýäris. Siz hem ýokary okuw mekdebimize şolar ýaly buýsandyryjy netijeler bilen gelen türgenlerimiziň biri bolýaňyz-da, ýalňyşmasam?***

— Maňa 2023-nji ýylda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby bolmak bagty miýesser etdi. Bu bagtyýar pursatlar sportda has-da ynamly ýeňişleri gazanmaga itergi berdi. 2024-nji ýylyň awgust aýynda Gazagystan Respiblikasynyň Şimkent şäherinde Jiu-jitsu boýunça geçirilen halkara ýaryşynda 45 kilogram agram derejesinde çykyş edip, jiu-jitsunyň «ne-waza» nusgasy boýunça 2-nji orna mynasyp boldum. Şol ýaryşda hem jiu-jitsunyň söweş nusgasy boýunça 3-nji orny eýeledim. Soňra 2024-nji ýylyň 23 — 28-nji oktýabry aralygynda Gresiýanyň Heraklion şäherinde geçirilen Jiu-jitsu boýunça dünýä çempionatynda 1-nji orny, altyn medaly eýeledim we şol ýaryşda jiu-jitsunyň «nogi» nusgasy boýunça 3-nji orny eýeledim. Institutymyzyň çäginde türgenleriň ilkinji onluguna düşmegimde şu gazanan altyn medalymyň aýratyn ähmiýeti bolandyr diýip pikir edýärin. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyzyň dekabr aýynda «Halkara derejeli sport ussady» diýen hormatly ada mynasyp bolandygym barada hoş habary eşitmegim ruhumy has-da galkyndyrdy. Täze ýeňişleri gazanmaga itergi berdi. Gürrüňdeşligimiziň başynda aýdyşym ýaly, bu belent derejeler, ozaly bilen, bize bildirilýän belent ynamyň netijesi. Çünki belent ynamyň başlanýan ýerinde hemişe üstünlik, hemişe ýeňiş bar.

***— Aminat, sport janköýerleri öz sport ýyldyzlaryna janköýerlik edip, şol bir wagtda olardan iň ýagşy göreldeleri hem alýarlar. Sport bilen bir wagtda ýene-de haýsy hünärler, güýmenjeler bilen meşgullanýaňyz? Belki, janköýerleriň arasynda siziň şahsy görüm-göreldäňize eýerjek ýaşlar hem bardyr.***

— Kiçi ýaşly çagalygymdan aýdym aýtmagy gowy görýärdim. 13 ýaşymda Mary welaýatynyň Şatlyk şaherindäki Çagalar sungat mekdebine gatnap, aýdym aýdyp, dutarda saz çalmagy öwrendim. Bu ugurdan guralýan dürli derejeli bäsleşiklere hem gatnaşdym. Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň sowgatlaryna, Hormat hatlaryna mynasyp boldum. Aýdym-saz mugallymym Gadam Durdyýewiň berekellasyny häli-şindi eşidýärdim. Sungat mekdebini 2020-nji ýylda tamamladym. Häli-häzirler hem bagtyýar durmuşymyzdan, gazanýan ýeňişlerimizden ruhlanyp ylhamym joşan wagty elime dutar alyp, aýdyma hiňlenýärin. Onsoňam, kiçi dilden bärde aýdamok, kitap meniň hemişelik dostum. Okamak, islendik hünärde, islendik kärde bolsaň-da, durmuşy göz öňüne getirmäge we onda öz ornuňy takyk kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Bu hakykaty men aýratyn-da Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitaplaryny okanymda özüm üçin açdym. Bu ajaýyp kitaplar maňa dana akyldarymyz Magtymguly Pyragynyň çeper-pelsepeleýin many-mazmuna ýugrulan setirlerine çuňňur düşünmekde hem ýardam etdi.

***— Geljek barada ýüregiňizde besleýän arzuwlaryňyz, oňde goýan maksatlaryňyz hem gyzyklydyr diýip pikir edýärin...***

— Ata-babalarymyz: «Guş ganatsyz bolmaz, adam arzuwsyz» diýipdirler. Men öz saýlap alan ugrum boýunça ýaryşlara gatnaşyp, olarda ýeňiş gazanyp, mukaddes ýaşyl Tugumyzy hemişe belentden parlatmagy arzuw edýärin. Üstümizdäki ýylda geçiriljek Sambo boýunça dünýä çempionatyna gatnaşmaga ýollanma gazanmak üçin yzygiderli türgenleşýärin. Biz — ýaşlara okamaga, öwrenmäge, sport bilen yzygiderli meşgullanmaga, dünýä döwletlerinde geçirilýän halkara derejeli ýaryşlara gatnaşmaga, ýeňiş gazanmaga şeýle ajaýyp



mümkinçilikleri açyp berýän Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden çykýan hoşallygymy beýan edýärin. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, il-ýurt bähbitli döwletli başlangyçlary hemişe rowaç bolsun!

***— Aminat, arzuwlaryňyz hasyl bolsun! Beren gyzykly gürrüňleriňiz üçin size redaksiýamyzyň adyndan çuňňur hoşallyk bildirýäris. Okuwda, sportda uly üstünlikler ýar bolsun, ýeňişleriňiziň höwri hemişe köp bolsun!***

— Sag boluň!

**Ogulnur EÝEBERENOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 1-nji ýyl talyby.**

# TÄZE ÜSTÜNLIKLERIŇ BAŞLANGYJYNDA

(oçerk)




Gadymlardan gözbaş alýan türkmen taryhynyň gatlarynda yz goýan türkmen gelin-gyzlary gözelligi, pähim-paýhaslylygy, edep-ekramlylygy, dogumy, gaýraty bilen nesilleriň aňynda, ýüreginde, asyrlar geçsede, ebedi ýaşaýar.

— Şeýle göreldelik mekdebi bolan türkmen gelin-gyzlarymyzyň taryhy şan-şöhraty bizi — şu günki türkmen gelin-gyzlaryny öz saýlan ugrumyz boýunça Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen döwletimiziň mukaddes ýaşyl Tuguny dünýä ýüzünde belentde parlatmaga ruhlandyrýar.

Bu ýürekden çykýan buýsançly hem ynamly sözler 8-nji synpdan sport älemine gadam basan, bu günki günde söweş sambosy boýunça «Halkara derejeli sport ussady» diýen hormatly adyň eýesi bolan türgen gyzymyz Gülzada Jorakulyýewanyň hemişe diliniň senasy.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutyny üstünlikli tamamlansoň, Gülzada Jorakulyýewa Lebap welaýatynyň Dänew etrabyndaky 3-nji sport mekdebinde tälimçi mugallym bolup zähmet ýoluna ugrukdy. Özbaşdak hünärmen hökmünde zähmet ýoluna gadam basan ilkinji günlerinden, ösüp gelýän ýaş nesillere sportuň görnüşleri boýunça tälim bermek bilen bir wagtda, özüniň hünär boýunça türgenleşiklerine hem has-da üns berip, täze ynamly ýeňişleri bilen ýurdumyzyň sport abraýyny dünýä ýaýmakda yzygiderli yhlas edip gelýär.

— Elbetde, dowamly türgenleşikler türgeni kämilleşdirýär. Hormatly Prezidentimiziň mynasyp dowam edýän Peder ýoly esasynda ýurdumyzda milli sport uly ösüşlere eýe bolýar. Onsoň biz — ýaş hünärmenlere diňe özümiz üçin döredilýän giň mümkinçiliklerden peýdalanyp, diňe ýokary hilli çykyşlar, owadan oýunlar bilen ýurdumyzyň baýraklar gaznasynyň üstüni täze medallar bilen ýetiribermek galýar.

Gülzadanyň gürrüňini diňläp otyryşyma, meni şu hili ýakymly pikirler gurşap alýar. «Gülzadada, halkara derejeli ýaryşlaryň ýeňişli münberlerinden orun alyp, mukaddes ýaşyl Tugumyzy belentde parladýan ussat türgenligi bilen birlikde, türkmen gelin-gyzlaryna mahsus bolan mähribanlyk, pähim-paýhaslylyk, pespällik, sadalyk hem açykgöwünlilik ýaly ajaýyp häsiýetler bar. Bu ajaýyp häsiýetlerini, özi bilen tanşanymyza kän wagt geçmändigine garamazdan, her gezekki şatlykly we ýatdagalyjy pursatlary sanly ulgam arkaly biz — geljekki sport žurnalistleri bilen paýlaşyp durýandygyndan hem aýdyň görüp oturmaly.



— Okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryna we dürli derejeli ýaryşlara gatnaşmak bilen dostlukly ýurtlaryň ençemesinde bolup görmek miýesser etdi. Ol ýerleriň hem täsin tebigaty, myhmansöýer halky, özboluşly medeniýeti we döwrebap enjamlar bilen enjamlaşdyrylan türgenleşik zallary bar. Şol ýerlerde ýurdumyzyň adyndan wekilçilik edýän milli ýygyndy toparymyzyň agzalary bolup, dünýä ýurtlaryndan gelen türgenler bilen hoşniýetli we dostlukly gatnaşyklary hem berkidýäris. Çünki biziň ýurdumyz dünýä ýurtlaryny we halklaryny özüniň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan wezipeler esasynda ynsanperwer we hoşniýetli, parahatçylykly we ylalaşykly gatnaşyklara çagyrýar.

Buýsanmasaň-buýsanma-da. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe okap, talim alyp, halkara derejeli sport bäsleşiklerinde abraýly orunlara çykyp ýören milli türgen gyzymyz döwletimiziň Garaşsyzlyk we hemişelik Bitaraplyk syýasatyndan, sport we medeni diplomatiýasyndan çuňňur bilimli we gözýetimli hünärmen bolup, özüniň türgenlik hünäriniň inçe maksatlaryndan düşünjelilik bilen baş çykaryp gürrüň berip otyr. Men onuň berýän gürrüňlerini edil institutda professor-mugallymlarymyzyň umumy sapaklaryny diňleýşim ýaly höwes bilen diňleýärin. Özi hem bu pursatlarda şeýleki bir göwnemakul kanunalaýyklyk bar: ýokary okuw mekdebini tamamlandan soň, goý, ýokary ýada ýörite, ýa-da bolmasa umumybilim berýän orta mekdepde bolsun, ol indi mugallym ahyry.

Özüniň okuw dersleri boýunça jemleýji bahalar goýlan resminamasyna aşaklykdan göz aýlaýanymy duýup, ol düşünmek bilen ýylgyrýar.

— Gazagystanyň Astana şäherinde 80 ýurtdan 470-den gowrak türgeniň gatnaşmagynda geçirilen dünýä çempionatynda türkmen samboçylarymyz medallaryň 6-syny gazanypdylar. Şolaryň hatarynda 72 kilogram agram derejesinde söweş sambosy boýunça çykyş edip, men hem ýurdumyzyň baýraklar hazynasyna bürünç medaly goşant etdim.

Şu pursatda meniň göz öňümde üstünden kän möhlet geçmedik şol buýsançly pursatlar janlanýar. Gyrgyz Respublikasynyň Çolpon-Ata şäherinde geçirilen Sambo boýunça dünýä Kubaogynda söweş sambosy boýunça zenanlaryň arasynda 72 kikogram agram derejesinde çykyş edip, bürünç medala mynasyp bolup gelenine kän wagt geçmändi. Şonuň yzysüre Gülzadanyň Gruziýa Respublikasynyň Gori şäherinde geçýän okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryndan ugradan suratlarydyr wideomaglumatlary milli ýygyndy toparymyzyň geljekki ýaryş üçin görýän taýýarlyklarynyň ýeňişli boljagyndan habar berýärdi. Gülzadanyň ýapyk binalarda geçýän türgenleşik pursadyny synlanyňda, söweş sambosynyň inçe tilsimlerini usatlyk bilen ýerine ýetirişine haýran galýardyň. «Türgen şeýle yhlas bilen türgenleşýän bolsa, ýeňiş hemrasy bolar» diýip, içki duýdularyňy daşyňa çykaranyňy duýman galýardyň. Açyk howada gözel tebigatyň dürli künjeklerinde geçirilýän türgenleşiklerde pesden belentlige ugur alyp, ýokarlygyna tarap ylgap barýan türgeni ýeňşe ýakynlap barýan ýaly duýýardyň. Göýä garşydaşy bilen ýüzbe-ýüz çykan ýaly, el-aýaklaryny howada ýeňil hereketlendirişi, ýerine ýetirýän hüjüm we goranyş hereketleri ýaryş üçin niýetlenen düşekçede (totamada) ýeňijiniň türkmen türgeni diýlip yglan ediljekligine ynamyňy artdyrýardy.

— Bize öwrenmäge, hünär eýesi bolup, Garaşsyz Türkmenistan döwletimiziň mukaddes ýaşyl Tuguny belentde parlatmaga ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe rowaçlyk arzuw edýärin.

Ynha, bu jümleler bolsa Gülzadanyň hem öz ýüreginden, hem ähli türgenleriň adyndan hemişe dilinde sena bolup ýaňlanýan alkyşlary.




Döredijilik adamlary, şol sanda biz — geljekki sport žurnalistleri hem şatlykly, buýsançly habarlary eşidenimizde, ozaly bilen, galama ýapyşýarys. Bu gezek bizi şeýtmäge ruhlandyran şatlykly habar Gülzada Jorakulyýewanyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyzy uly sport üstünliklerine we ýeňişlerine besläp, «Halkara derejeli sport ussady» diýen hormatly ada eýe bolmagy boldy. Biz Halkara derejeli sport ussadymyza, mugallym, tälimçi, halypa türgen gyzymyza «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda hem, ýeneki geljek ýyllarymyzda hem üstünlikleriniň dowamly bolmagyny arzuw edýäris.

*Täzegül AZIZOWA,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.*